**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2016-njy ýylyň 5-nji dekabryndaky 392-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2017-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda 1036 san bilen bellige alyndy**

# Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrýan taraplary ýüze çykarmak maksady bilen, ygtyýarnamanyň dalaşgäri we ygtyýarnamaly bolup durmaýan taraplaryň barlaglaryny geçirmek boýunça Usulyýet görkezmeleri

## I. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrýan taraplary ýüze çykarmak maksady bilen, ygtyýarnamanyň dalaşgäri we ygtyýarnamaly bolup durmaýan taraplaryň barlaglaryny geçirmek boýunça Usulyýet görkezmeleri (mundan beýläk- Usulyýet görkezmeleri) «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 16-njy maddasynyň $2^1$-nji bölegine, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 6-njy maddasyna hem-de «Türkmenistanda ygtyýarlylandyrmak işini guramagy kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran 13180-nji kararyna we «Bank işini hem-de gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işi ygtyýarlylandyrmak hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 20-nji dekabrynda çykaran 13380-nji kararyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Usulyýet görkezmeleri ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrýan taraplary ýüze çykarmak maksady bilen, ygtyýarnamanyň dalaşgäri we ygtyýarnamaly bolup durmaýan taraplaryň barlaglaryny geçirmegiň, barlagyň netijelerini resmileşdirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

3. Şu Usulyýet görkezmeleriň maksatlary üçin ulanylýan düşünjeler:

**barlag** – ygtyýarlylandyryjy edaranyň ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrýan taraplary ýüze çykarmak üçin ýerine ýetirilýän iş;

**ygtyýarlylandyryjy edara** – Türkmenistanyň Merkezi banky;

**barlagyň subýektleri** – ygtyýarnamanyň dalaşgäri we ygtyýarnamaly bolup durmaýan taraplar.

4. Barlaglaryň görnüşleri:

meýilnamalaýyn barlag – bellenilen tertipde tasasyklanan barlaglaryň meýilnamasyna laýyklykda öňünden bellenilip, şu Usulyýet görkezmelerinde bellenilen öňki barlaglara bolan wagt aralygyny göz öňünde tutup geçirilýän bir gezeklik barlag;

meýilnamadan daşary barlag – bildirilen arzalara, şikaýatlara we ýüztutmalara, şol sanda hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik ediji edaralarynyň ýüztutmalara haýal etmän jogap bermek zerurlygy bilen baglylykda bellenilýän barlag.

## II. Barlagy geçirmegiň guralyşy we geçirilişi

5. Ygtyýarlylandyryjy edara barlaglary Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Usulyýet görkezmelerine laýyklykda geçirýär.

6. Barlaglaryň meýilnamasy bir ýyl ýa-da ýarym ýyl möhlet bilen düzülýär, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Bank gözegçiligi müdirliginiň başlygy tarapyndan gol çekilýär we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygy tarapyndan tassyklanýar.

7. Meýilnamalaýyn we meýilnamadan daşary barlaglary geçirmek üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň çykaran degişli barlagy geçirmek hakyndaky buýrugy (mundan

beýläk - barlagy bellemek hakynda nama) esas bolup durýar.

Meýilnamalaýyn barlagy bellemek hakynda nama bellenen tertipde tassyklanan barlaglaryň meýilnamasy esasynda çykarylýar.

Meýilnamadan daşary barlagy bellemek hakynda nama bildirilen arzalar, şikaýatlar, ýüztutmalar, şol sanda hukuk goraýjy we beýleki gözegçilik ediji edaralarynyň ýüztutmalary esasynda çykarylýar.

Barlagy geçirmegiň möhleti, barlag geçirmek üçin bellenilýän wezipeli işgärleri, şol sanda barlagyň ýolbaşçysy, barlagyň maksady (tematikasy), şeýle hem barlagy guramak we amala aşyrmak üçin zerur bolan beýleki meseleler barlagy bellemek hakynda nama bilen bellenilýär.

8. Barlaglaryň barlagy bellemek hakynda namada görkezilýän möhleti - 30 senenama gününden köp bolmaly däldir, Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu Usulyýet görkezmeleriň 10-njy bölüminde bellenilen ýagdaýlar muňa girmeýär.

9. Meýilnamadan daşary barlag geçirilende bu barada barlagyň subýektlerine haýal etmän barlagyň başlanan pursadynda habar edilýär.

10. Barlagyň möhletini uzaltmak (barlagyň ýolbaşçysynyň şunuň ýaly uzaltmagy esaslandyrylan hödürlemesi boýunça) Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň buýrugy (mundan beýläk – barlagyň möhletini uzaltmak hakynda nama) bilen barlagy bellemek hakynda namada görkezilen barlagyň möhleti tamamlanýan wagtyndan gijä galman resmileşdirilýär.

11. Barlagyň subýektlerini barlamaga gelen ygtyýarlylandyryjy edaranyň wezipeli işgärleri şu aşakdakylary görkezmäge borçludyrlar:

1) barlagy bellemek (möhletini uzaltmak) hakynda namany;

2) gulluk şahsyýetnamalaryny;

3) barlagyň maksatnamasyny.

12. Barlag geçirmegiň başlanýan wagty diýlip barlagyň subýektleriniň ýolbaşçysyna ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärlerine şu Usulyýet görkezmeleriniň 11-nji bölüminde görkezilen resminamalar görkezilen (gowşurylan) pursaty hasap edilýär.

13. Barlag geçirilmegi bellenilen subýektler, barlagy bellemek hakynda nama görkezilende:

1) ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärlerini barlaga degişli ahli zerur resminamalar bilen üpjün edýär;

2) zerurlyk bolanda ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärlerine barlaga degişli edilen soraglar boýunça aýdyňlaşdyrma berýär, şeýle hem zerur bolan beýleki maglumatlary berýär;

3) ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleriniň ygtyýarlyklaryna laýyklykda bildirýän talaplaryny ýerine ýetirýär.

14. Ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleriniň şulara ygtyýarlyklary bardyr:

1) barlagyň subýekti tarapyndan amala aşyrylýan işleriň esaslaryny (laýyklyk sertifikatlary, şahadatnamalary, kepilnamalary, ygtyýarnamalary we beýleki rugsat beriji resminamalary) almaga;

2) barlagyň subýektleri ýuridik şahs üçin - onuň esaslandyryş resminamalaryny, guramaçylyk - buýruk beriji resmi kagyzlary, düzgünnamalary, tertipleri we beýleki içki resmi kagyzlaryny almaga;

3) barlagyň subýektleriniň buhgalter, statistiki we maliýe hasabatlaryny almaga;

4) zerur halatlarda, barlagyň subýektleriniň işgärleriniň hünär talaplaryna we şertlerine laýyklygyny tassyklaýan resmi kagyzlaryny talap etmäge we olaryň nusgasyny ýa-da göçürmesini almaga;

5) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň (görnüşleriniň) amala aşyrylýan hakyky ýerini barlamaga;

6) barlag geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň berilmeli möhletini kesgitlemäge;

7) zerur halatlarda, hakyky ýagdaýlary ýüze çykarmak maksady bilen barlagyň subýektleriniň

müşderilerinden, hyzmatdaşlaryndan (olaryň ylalaşygy bilen) resmi kagyzlary (maglumatlary) soramaklyga;

8) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zerur bolan beýleki maglumatlary we resminamalary soramaklyga.

15. Ygtyýarlylandyryjy edaranyň wezipeli işgärleriniň arasynda barlagy bellemek hakynda namada görkezilen barlamaga degişli soraglary ýa-da başga wezipeleri paýlamagy barlagyň ýolbaşçysy amala aşyrýar.

16. Barlagy bellemek (möhletini uzaltmak) hakynda namany barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärler) kabul etmedik we (ýa-da) ygtyýarlandyryjy edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleriniň barlag üçin zerur bolan resminamalardan we maglumatlardan peýdalanmagyna mümkinçilik döredilmedik ýagdaýynda ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlagy amala aşyrýan wezipeli işgärleri tarapyndan teswirnama düzülýär. Teswirnama barlagyň ýolbaşçysy we barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärler) tarapyndan gol çekilýär. Barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärler) teswirnama gol çekmekden ýüz öwürmegiň sebäbini ýazmaça düşündirmäge haklydyrlar. Barlagy bellemek (möhletini uzaltmak) hakynda namany barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary (ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärler) tarapyndan kabul edilmezligi barlagy ýatyrmaga esas bolup bilmeýär.

17. Barlagyň netijeleri boýunça şu aşakdakylary görkezmek bilen ýazmaça görnüşde barlagyň ykrar haty düzülýär:

1) barlag geçirlen ýerini, ykrar hatynyň düzülen senesini;

2) barlagyň görnüşini;

3) barlagy geçiren ygtyýarlylandyryjy edaranyň wezipeli işgärleriniň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny;

4) barlagyň subýektlerini (adyny, rekwizitlerini);

5) barlagyň subýektiniň ýolbaşçylarynyň, şeýle hem başga jogapkär wezipeli işgärleriniň wezipesini, familiýasyny, adyny, atasynyň adyny;

6) barlagy bellemek (möhletini uzaltmak) hakynda namanyň belgilerini;

7) öňki barlag we öň ýüze çykarylan Türkmenistanyň ygtyýarlylandyrmak hakynda kanunçylygynyň bozulmalaryny aradan aýyrmak boýunça geçirilen çäreler hakynda maglumatlary;

8) barlagyň maksatlary (tematikasy);

9) barlagyň maksatnamasyna laýyklykda geçirilen barlagyň netijelerini;

10) barlagyň subýektleriniň barlagyň netijeleri boýunça şikaýat etmek hukugyny.

18. Barlagyň möhletiniň tamamlanmagy diýlip barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylaryna ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärlerine barlagyň ykrar hatynyň gowşurylan güni hasap edilýär.

19. Barlagyň ykrar haty iki asyl nusgada düzülýär we ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlag geçiren wezipeli işgärleri, barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylary ýa-da başga jogapkär wezipeli işgärleri tarapyndan gol çekilýär.

Gol çekilen barlagyň ykrar hatynyň bir asyl nusgasy barlagyň subýektlerine berilýär we bir asyl nusgasy Türkmenistanyň Merkezi bankynda galýar.

Şu Usulyýet görkezmeleriniň 16-njy bölüminde bellenilen ýagdaýlarda, barlagyň subýektleriniň ýolbaşçylarynyň (başga jogapkär wezipeli işgärleriniň) teswirnamany we barlagy bellemek hakyndaky namany kabul etmekden ýüz öwürmegiň sebäbi barada ýazmaça düşündirişiniň bolan ýagdaýynda, şol düşündiriş barlagyň ykrar hatyna goşulýar.

20. Barlagyň netijeleri boýunça ygtyýarlylandyryjy edara:

1) öz barlagynyň netijeleri boýunça ykrar haty düzülen senesinden, şeýle hem beýleki gözegçilik ediji edaralar tarapyndan amala aşyrylan barlaglaryň ykrar hatlarynyň gelip gowşan senesinden 30

(otuz) senenama gününiň dowamynda ygtyýarlylandyrmak babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň talaplarynyň bozulandygy ýa-da bozulmandygy barada çözgüt çykarýar;

2) ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrandygy üçin şahsy günäkär diýip ykrar etmek we işi ygtyýarnamasyz amala aşyrmakdan alnan girdejini (peýdany) Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býujetiniň girdejisine geçirmek görnüşinde maliýe jerimesini ulanmak hakynda kazyýete hak isleg arzasy bilen ýüz tutýar we Türkmenistanyň kanunçylygynda talap edijä degişli edilen hukuklary amala aşyrýar. Jerimäniň möçberi şeýle girdejiniň (peýdanyň) möçberinden tölenen salgytlaryň möçberine laýyklykda azalýar;

Eger geçirilýän barlaglarynyň barşynda girdejileriň (peýdanyň) ýa-da oňa degişli çykdajylaryň hasaba alynmandygy ýa-da şeýle maglumatlaryň berilmeýändigi ýüze çykarylsa, onda ygtyýarlandyryjy edara (beýleki gözegçilik edarasy) özünde bar bolan maglumatlaryň esasynda, degişli ýagdaýlarda harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) kesilen bahasyny, 25 göterim möçberinde düşewüntliligi (haryt dolanyşygynyň 8 göterimi – söwda işleri üçin) ulanyp, girdejiniň (peýdanyň) çak edilýän möçberini hasaplamaga we bellemäge haklydyr.

21. Beýleki gözegçilik ediji edaralary özleriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ygtyýarlylandyryjy edaranyň başlangyjy bilen ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrýan taraplary ýüze çykarmak üçin geçirilýän barlaglara gatnaşýarlar.

22. Barlagyň maksadyna (tematikasyna) laýyklykda barlagyň subýektlerine barlag geçirmegiň dowamynda, salgyt gullugy edaralarynyň ygtyýaryna degişli, salgyt salynmagy bilen baglanyşykly bolan meseleler ýüze çykan halatynda salgyt gullugy edaralarynyň hünärmenleri bu barlaga çekilip biliner.

## III. Barlagyň maksatnamasy

23. Barlagyň maksatnamasy barlagy bellemek hakynda namada bellenen barlagyň maksadyndan (tematikasyndan) ugur alnyp düzülýär.

24. Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan barlagyň maksatnamasyna laýyklykda şu aşakdakylar barlanmaga degişlidir:

1) barlagyň subýektlerine işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşlerini amala aşyrmaklyga hukuk berýän ygtyýarnamalar;

2) ygtyýarlylandyrylmaga degişli işi ygtyýarnamasyz amala aşyrmakdan alnan girdejiniň (peýdanyň) möçberini hasaplamak üçin zerur bolan resminamalar;

3) barlagyň maksadyna (tematikasyna) baglylykda beýleki meseleler.

## IV. Barlag geçirilýän wagtynda çäklendirmeler

25. Ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlag geçirmäge girişmäge haky ýokdur, eger:

1) barlagy bellemek hakynda nama ýok bolsa ýa-da bellenilen tertipde resmileşdirilmedik bolsa, şol sanda ygtyýarlylandyryjy edaranyň barlag geçirmeli wezipeli işgärleri görkezilmedik bolsa;

2) barlagyň barlagy bellemek hakynda namada görkezilen möhletleri başlamadyk ýa-da tamamlanan bolsa.

## V. Jemleýji düzgünler

26. Şu Usulyýet görkezmeleriň kadalarynyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

27. Barlagyň ykrar haty Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerleşýän ýerinde saklanmaga we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde we tertipde ýok edilmäge degişlidir.